#175 (197)
среда, 1 мая 2024 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана





# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

***25-nji aprelde döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň gün tertibine döwlet durmuşynyň ileri tutulýan meseleleriniň birnäçesi girizildi.***

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy milli kanunçylyk-hukuk binýadyny döwrüň talaplaryna laýyklykda mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary gözegçilik edýän ulgamlarynda alnyp barylýan işleriň ýagdaýy baradaky hasabatlar bilen çykyş etdiler. Hasabatlary diňläp, hormatly Prezidentimiz milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny ösdürmek bilen bagly öňde duran möhüm wezipelere ünsi çekdi, anyk tabşyryklary berdi.

Hususan-da, medeniýet ulgamyna gözegçilik edýän wise-premýeriň hasabatynda şu ýylyň maý aýynda geçiriljek esasy çäreleriň we medeni-durmuş maksatly binalary açyp ulanmaga bermegiň Tertibi barada aýdyldy. Nygtalyşy ýaly, geljek aýda baýramçylyklar we şanly seneler mynasybetli dürli maslahatlary, «tegelek stoluň» başyndaky söhbetdeşlikleri, döredijilik duşuşyklaryny, sergileri, konsertleri, wagyz-nesihat çärelerini guramak, ozal yglan edilen döredijilik bäsleşikleriniň jemini jemlemek göz öňünde tutulýar. 9-njy maýda 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş güni mynasybetli paýtagtymyzda we welaýatlarda dabaralar geçiriler. 16-njy maýda Aşgabatda TÜRKSOÝ-na agza döwletleriň ÝUNESKO-nyň işleri barada milli toparlarynyň 10-njy mejlisini geçirmek göz öňünde tutulýar.

Şu ýyl Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli çäreleriň birnäçesi meýilleşdirildi. Hususan-da, medeniýet ministrleri derejesinde halkara maslahat, ýurdumyzyň teatrlarynda sahna oýunlarynyň görkezilişi, kinoteatrlarda we kinokonsert merkezlerinde beýik türkmen şahyrynyň döredijiligine bagyşlanyp surata düşürilen türkmen kinofilmleriniň görkezilişi guralar. 17-nji maýda Aşgabadyň günorta künjeginde Magtymguly Pyragy medeni-seýilgäh toplumynyň hem-de meşhur söz ussadynyň ýadygärliginiň açylyş dabarasyny geçirmek göz öňünde tutulýar.

18-nji maýda paýtagtymyzda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli dabaralar, şol sanda durky täzelenen Baş baýdak meýdançasynyň açylyş dabarasy geçiriler. Şol gün «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly halkara ylmy maslahaty, baýramçylyk konsertini guramak meýilleşdirilýär. Şeýle hem Aşgabat şäheriniň güni, okuw ýylynyň tamamlanmagy, «Soňky jaň» dabarasy mynasybetli baýramçylyk çäreleri guralar.

24-25-nji maýda Söwda-senagat edarasynda «Ak şäherim Aşgabat» atly XXIII köpugurly halkara sergi, 26-njy maýda Türkmen halysynyň milli muzeýinde Türkmen halysynyň baýramy mynasybetli haly we haly önümleriniň sergisi, Söwda-senagat edarasynda Türkmen halyşynaslarynyň bütindünýä jemgyýetiniň XXIV mejlisi geçiriler. Mundan başga-da, geljek aýda paýtagtymyzda we Ahal welaýatynda täze desgalaryň birnäçesi, şol sanda ýaşaýyş jaýlary, medeni-durmuş, beýleki maksatly desgalar ulanmaga berler. Döwlet Baştutanymyz maý aýynda boljak beýleki çäreleri ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmegiň zerurdygyny aýdyp, wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Bilim, saglygy goraýyş we sport ulgamlaryna gözegçilik edýän wise-premýeriň hasabatynda 2023-2024-nji okuw ýylynyň tamamlanmagy, «Soňky jaň» dabarasy, şeýle hem Aşgabat şäheriniň güni mynasybetli guraljak çärelere görülýän taýýarlyk işleri barada aýdyldy. Däp bolşy ýaly, 25-nji maýda säher bilen Garaşsyzlyk binasyna, Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebindäki, Gökdepe etrabynyň Yzgant şäherçesindäki 27-nji orta mekdepdäki Berdimuhamet Annaýewiň heýkellerine gül goýmak dabaralary geçiriler. Şeýle hem ýurdumyzyň ähli welaýatlarynyň Baş baýdak meýdançalarynda gül goýmak dabaralaryny guramak göz öňünde tutulýar.

Soňra ähli orta mekdeplerde 2023-2024-nji okuw ýylynyň tamamlanmagy mynasybetli «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» şygary astynda «Soňky jaň» dabaralary geçiriler. Göreldeli uçurymlara we kärine ussat bilim işgärlerine hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň adyndan ýadygärlik sowgatlar gowşurylar. Şol gün ýurdumyzyň bagtyýar uçurymlarynyň Aşgabat we Arkadag şäherleriniň, welaýatlaryň gözel ýerlerine, medeni-dynç alyş merkezlerine, muzeýlere, seýilgählere gezelençleriniň guralmagy meýilleşdirilýär. 25-nji maýda agşam medeniýet we sungat ussatlarynyň konsertiniň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Şeýle-de ýurdumyzyň ähli künjeklerinde baýramçylyk çäreleri ýaýbaňlandyrylar. Döwlet Baştutanymyz meýilleşdirilen çäreleriň guramaçylykly geçirilmeginiň wajypdygyna ünsi çekip, wise-premýere birnäçe tabşyryklary berdi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ГЕНЕРАЛЬНОГО СЕКРЕТАРЯ ООН

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов адресовал искренние поздравления и наилучшие пожелания Генеральному секретарю Организации Объединённых Наций Антониу Гутерришу по случаю его 75-летнего юбилея.

«Большого уважения достойна Ваша международная деятельность, нацеленная на укрепление мира, обеспечение глобальной безопасности, создание условий для устойчивого и ускоренного развития всех стран», говорится в послании главы государства, подтвердившего также приверженность тесному сотрудничеству между Турк-менистаном и ООН.

Пользуясь случаем, Президент Туркменистана выразил Генеральному секретарю ООН Антониу Гутерришу сердечные пожелания крепкого здоровья, счастья и больших успехов во всех начинаниях.

## НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ГЕНЕРАЛЬНОГО СЕКРЕТАРЯ ООН

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов адресовал искренние поздравления Генеральному секретарю Организации Объединённых Наций Антониу Гутерришу по случаю его 75-летнего юбилея.

«Выражаю Вам глубокую признательность за деятельность, нацеленную на укрепление на планете стабильности и мира, а также вносимый вклад в эффективное развитие отношений между Туркменистаном и ООН», говорится в послании Национального Лидера туркменского народа.

Пользуясь этой приятной возможностью, Герой-Аркадаг выразил Генеральному секретарю ООН Антониу Гутерришу сердечные пожелания крепкого здоровья, долголетия и счастья, а также больших успехов во всех благородных начинаниях.

Интернет газета
Международные новости



## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ WE RUSSIÝA FEDERASIÝASYNYŇ TATARYSTAN RESPUBLIKASYNYŇ RAISINIŇ DUŞUŞYGY

2024-nji ýylyň 28-nji aprelinde Prezident Serdar Berdimuhamedow Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli dabaralara gatnaşmak üçin ýurdumyza sapar bilen gelen Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Raisi Rustam Minnihanow bilen duşuşdy.

Myhman baýramçylyk çärelerine gatnaşmaga çakylyk hem-de bildirilen myhmansöýerlik üçin tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putiniň mähirli salamyny we gutlaglaryny ýetirdi.

Döwlet Baştutanymyz Rais Rustam Minnihanowy gadymy we myhmansöýer türkmen topragynda mübärekläp, Russiýanyň Prezidentine mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Duşuşygyň dowamynda milli ykdysadyýetleriň bähbitlerini we birnäçe iri taslamalary durmuşa geçirmegiň çäklerindäki köpýyllyk bilelikdäki işiň baý tejribesini nazara almak bilen, hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy hem-de geljekki ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.

Şunuň bilen baglylykda, ýurtlarymyzyň arasyndaky netijeli gatnaşyklary işjeňleşdirmegiň, söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň möhüm guraly hökmünde Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-tatar iş toparynyň orny bellenildi.

Rustam Minnihanow Tatarystanyň işewür toparlarynyň geljegi uly türkmen bazarynda öz orunlaryny giňeltmäge gyzyklanma bildirýändiklerini tassyklap, ýurdumyzda döredilen amatly maýa goýum gurşawynyň, Türkmenistanyň öz üstüne alan borçnamalaryna pugta eýerýän ygtybarly hyzmatdaş hökmünde ýokary halkara abraýynyň munuň şeýle bolmagyna ýardam edýändigini nygtady.

Netijeli medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk, şol sanda ylym-bilim ulgamyndaky işjeň özara gatnaşyklar aýratyn bellenildi.

Tatarystanyň Raisi türkmen halkynyň Milli Lideriniň hem-de Prezident Serdar Berdimuhamedowyň goldaw bermeginde Türkmenistanda milli ruhy we maddy medeniýetiň gadymy däplerini öwrenmek, gaýtadan dikeltmek, gorap saklamak, dünýä ýaýmak boýunça giň gerimli işleriň alnyp barylýandygyny belledi.

Duşuşygyň ahyrynda söhbetdeşler birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan edip, däp bolan ikitaraplaýyn dostlukly gatnaşyklaryň mizemezdigini tassykladylar.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI BEÝIK BRITANIÝANYŇ DAŞARY IŞLER, ARKALAŞYK WE ÖSÜŞ BOÝUNÇA DÖWLET SEKRETARYNY KABUL ETDI

2024-nji ýylyň 24-nji aprelinde Prezident Serdar Berdimuhamedow Beýik Britaniýanyň Daşary işler, Arkalaşyk we ösüş boýunça Döwlet sekretary Dewid Kemerony kabul etdi.

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin tüýs ýürekden hoşallygyny bildirip, döwlet Baştutanymyza Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygynyň Patyşasy Karl III-niň hem-de Premýer-ministri Rişi Sunagyň mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow Dewid Kemerony myhmansöýer türkmen topragynda mähirli mübärekläp, Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygynyň Patyşasyna hem-de Premýer-ministrine iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.



Duşuşygyň dowamynda Türkmenistanyň öz daşary syýasatynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamalary bilen iki gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýerýändigi we dünýäde parahatçylygyň, howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň üpjün edilmeginiň bähbidine giň halkara hyzmatdaşlygy alyp barýandygy nygtaldy.

Taraplaryň pikirine görä, ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen, Türkmen-britan söwda-senagat geňeşiniň mümkinçiliklerini giňden ulanmak maksadalaýykdyr. Nebitgaz pudagy, oba hojalygy, täze tehnologiýalar geljegi uly ugurlar hökmünde bellenildi.

Howanyň üýtgemegi we onuň adamzadyň durmuşyna ýetirýän zyýany bilen baglanyşykly meseleler duşuşygyň dowamynda ara alnyp maslahatlaşylan wajyp ugurlaryň biri boldy. Häzirki wagtda bu meseleler halkara gün tertibinde möhüm orun eýeleýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň halkara jemgyýetçiligiň bu ugurdaky tagallalaryny doly goldaýandygyny we «ýaşyl» ösüş ugrunda anyk işleri amala aşyrýandygyny belledi.

Duşuşygyň dowamynda söhbetdeşler medeni-ynsanperwer ulgamda hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin ägirt uly mümkinçilikleriň bardygyny bellediler. Şunuň bilen baglylykda, ikitaraplaýyn medeni gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmelidiginiň zerurdygyna üns çekildi.

Britan tarapynyň bilim ulgamynda, hususan-da, bilim maksatnamalarynyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak we iňlis dilini okatmaga ýardam bermek babatda hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygy beýan edildi.

Duşuşygyň ahyrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow we Beýik Britaniýanyň Daşary işler, Arkalaşyk we ösüş boýunça Döwlet sekretary Dewid Kemeron birek-birege berk jan saglyk, abadançylyk, ähli başlangyçlarynda üstünlikleri arzuw etdiler.

## MEETING OF THE NATIONAL LEADER OF THE TURKMEN PEOPLE, CHAIRMAN OF THE HALK MASLAHATY WITH THE HEAD OF THE REPUBLIC OF TATARSTAN OF THE RUSSIAN FEDERATION



On April 28, 2024, at the end of the celebrations at the International Akhal-Teke Equestrian Complex, a meeting was held between the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov and the Rais of the Republic of Tatarstan of the Russian Federation Rustam Minnikhanov.

Expressing gratitude for his time and the invitation to take part in large-scale celebrations on the occasion of the National Day of the Turkmen Horse, the guest conveyed heartfelt greetings and congratulations from the President of the Russian Federation Vladimir Putin to Hero-Arkadag.

Having greeted the guest, Hero-Arkadag noted that he was glad to receive the head of Tatarstan on the hospitable Turkmen soil. Speaking about the significance of the current visit, Chairman of the Halk Maslahaty emphasized that this is an indicator of friendship between our peoples and common spiritual values.

Hero-Arkadag, together with the guest, took a walk through the most beautiful corner of the mountainous area, through the garden, along the river, during which a number of issues of further deepening Turkmen-Tatarstan relations were discussed. The interlocutors noted with satisfaction the high level of trust and mutual understanding inherent in bilateral relations, which is a solid basis for their constructive development at various levels. As emphasized, Turkmenistan and Tatarstan are connected by centuries-old historical ties, similarity of culture, language, traditions and customs.

During the meeting, the National Leader of the Turkmen people confirmed the desire of Turkmenistan to continue to carry out activities aimed at building up multifaceted cooperation with brotherly Tatarstan within the framework of a strategic partnership with the Russian Federation.

Hero-Arkadag once again expressed gratitude to Rais Rustam Minnikhanov for his warm congratulations on the occasion of the National Turkmen Horse Day.

Then, on behalf of the President of Turkmenistan, an official reception was organized in honor of the head of the Republic of Tatarstan of the Russian Federation at the Gala cultural and entertainment center, located in a beautiful corner of Kopetdag.

At the end of the meeting, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov and the Rais of the Republic of Tatarstan of the Russian Federation, Rustam Minnikhanov, said a warm farewell and exchanged wishes for good health and further success in their activities, as well as peace, well-being and prosperity to the fraternal peoples of the two countries.

Интернет газета
Международные новости

## TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY GERMAN YKDYSADYÝETINIŇ GÜNDOGAR KOMITETINIŇ ÝERINE ÝETIRIJI DIREKTORY BILEN DUŞUŞDY

2024-nji ýylyň 24-nji aprelinde Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow German ykdysadyýetiniň Gündogar komitetiniň Ýerine ýetiriji direktory Mihael Harms bilen duşuşdy.

Myhman Milli Liderimize duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirdi hem-de pursatdan peýdalanyp, GFR-iň Prezidenti Frank-Walter Ştaýnmaýeriň, Federal Kansleri Olaf Şolsuň mähirli salamyny we türkmen halkyna parahatçylyk, abadançylyk baradaky arzuwlaryny ýetirdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň ýolbaşçylaryna salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.



Germaniýa Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigindäki möhüm hyzmatdaşlarynyň biridir diýip, Halk Maslahatynyň Başlygy sözüni dowam etdi we häzirki wagtda biziň ýurtlarymyzyň ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ähli ulgamlarynda diýen ýaly netijeli hyzmatdaşlyk edýändiklerini aýtdy.

Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri söwda-ykdysady ulgamyň hyzmatdaşlygyň wajyp ugurlarynyň biridigini aýratyn nygtady. Bellenilişi ýaly, Türkmenistan we Germaniýa lukmançylyk senagaty, oba hojalygy, bank ulgamlarynda, ulag-kommunikasiýa pudagynda netijeli hyzmatdaşlyk edýärler.

Duşuşygyň dowamynda myhman Gahryman Arkadagymyzyň geçen ýylyň sentýabrynda Germaniýa Federatiw Respublikasyna amala aşyran iş saparynyň wajyp ähmiýetini belledi. Onda «Merkezi Aziýa — Germaniýa» görnüşinde Berlinde guralan ýokary derejedäki gepleşikleriň, German ykdysadyýetiniň Gündogar komitetiniň ýolbaşçylary we wekilleri bilen geçirilen duşuşygyň, bilelikdäki işewürlik forumynyň netijeli häsiýetine aýratyn üns çekildi.

Germaniýanyň «Goetzpartners» kompaniýasynyň wekilleriniň şu ýylyň başynda Türkmenistana bolan saparynyň barşynda Arkadag şäherinde lukmançylyk klasterini döretmek boýunça Ähtnama gol çekildi. Şunuň bilen baglylykda, hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň uly geljeginiň bardygy bellenildi.

Duşuşygyň çäklerinde Gahryman Arkadagymyz German ykdysadyýetiniň Gündogar komitetiniň Ýerine ýetiriji direktoryny bar bolan mümkinçiliklerden, şol sanda ýokary tehnologiýalar, «ýaşyl» energetika, inklýuziw we «akylly» şäherleri gurmak ulgamynda döreýän mümkinçiliklerden has giňden peýdalanmaga çagyrdy hem-de komitetiň anyk tekliplerine garamaga taýýardygyny aýtdy.

## УЧАСТИЕ ДЕЛЕГАЦИИ ТУРКМЕНИСТАНА В 57-ОЙ СЕССИИ КОМИССИИ ПО НАРОДОНАСЕЛЕНИЮ И РАЗВИТИЮ ООН

В период с 29 по 30 апреля 2024 года делегация Туркменистана во главе с заместителем министра




иностранных дел Туркменистан М.Бяшимовой приняла участие в 57-ой сессии Комиссии по народонаселению и развитию ООН, проходившей в штаб-квартире ООН в г.Нью-Йорк (США).

Тема нынешней сессии: «Программа действий Международной конференции по народонаселению и развитию и ее вклад в Повестку дня на период до 2030 года».

Одновременно с этим мероприятием, по инициативе председателя Генеральной Ассамблеи ООН 29 апреля состоялось пленарное заседание Генеральной ассамблеи ООН, посвященное 30-ой годовщине Международной конференции по народонаселению и развитию (МКНР), в ходе которого на глобальном уровне был проведен обзор и дана оценка достигнутым результатам в рамках реализации Программы действий МКНР+30.

Выступая в ходе пленарного заседания заместитель министра М.Бяшимова, ознакомила с национальным опытом в достижении целей и задач, обозначенных в глобальной Программе действий в области народонаселения. Также был представлен национальный опыт и достижения страны в сфере народонаселения, а также озвучен ряд предложений по укреплению многостороннего сотрудничества в этой области, как на региональном, так и на глобальном уровне.

На полях 57-ой сессии Комиссии по народонаселению и развитию ООН, 29 апреля по инициативе Туркменистана было организовано параллельное мероприятие под названием «Продвижение обстоятельств МКНР+30: национальный опыт и пути продвижения вперед». Данное мероприятие было призвано подчеркнуть важность выполнения обязательств, принятых на МКНР и обмена национальным опытом в области содействия благополучию детей, нуждающихся в опеке.

Во встрече приняли участие Региональный директор ЮНФПА по странам Восточной Европы и Центральной Азии Флоренс Бауэр, Директор департамента ЮНИСЕФ по защите детей Шима Сен Гупта, Постоянные представители и эксперты государств-членов ООН.

Выступая на мероприятии представители туркменской делегации отметили, что будучи членом Комиссии ООН по народонаселению и развитию в течение трех последовательных сроков, Туркменистан достиг значительного прогресса в реализации Программы действий МКНР на национальном уровне, а также активно участвует на подготовительных мероприятиях, организуемых на национальном и региональном уровнях.

Представители туркменской стороны рассказали о развернутой по всей стране масштабной работе по возведению социально значимых объектов, отвечающих международным стандартам, в контексте реализации Программы социально-экономического развития страны в 2022–2028 годах.

Подчеркивая успешно проводимую в стране социально-ориентированную политику, выступившие акцентировали внимание на роли созданного в марте 2021 года Благотворительного фонда по оказанию помощи нуждающимся в опеке детям имени Гурбангулы Бердымухамедова. Как отмечалось, деятельность фонда многогранна и охватывает самые разные аспекты – от финансирования сложнейших медицинский операций и приобретения высокотехнологичного оборудования для больниц до оказания детям лечебно-диагностических процедур при различных заболеваниях и лечебно-профилактических мероприятий. Кроме того, за последние годы организация приняла участие в ряде международных гуманитарных акциях.

Подчеркивалось, что избрание Туркменистана в Исполнительный совет Детского фонда ООН на 2024-2026 годы является признанием достижений страны в сфере продвижения и реализации прав ребенка.

## The Third Meeting of Arab Economic Cooperation Forum with the countries of Central Asia and the Republic of Azerbaijan was held

From April 29 to April 30, 2024, the Third Meeting of Arab Economic and Cooperation Forum with the countries of Central Asia and the Republic of Azerbaijan was held in Doha, State of Qatar. The delegation of Turkmenistan at the forum was led by Deputy Minister of finance and economy B.Yalakov.

Speaking at the forum, the Turkmen side noted the importance of implementing efforts to ensure sustainable economic development of Azerbaijan, Central Asian



countries and Arab countries, and also emphasized that trade and industry, transport and energy, and the environment are priority areas for intensifying cooperation in various sectors of the economy.

During the forum, a meeting was held with the head of the department of the Ministry of Foreign Affairs of the State of Qatar. During the conversation, the parties discussed the development of bilateral relations in the political, diplomatic, trade, economic, cultural and humanitarian spheres, and drew attention to the importance of exchanging visits at the highest level. Along with this, it was stated that the development of bilateral relations is facilitated by holding days of culture of the two peoples and the Intergovernmental Turkmen-Qatar Commission.

Интернет газета
Международные новости

## TÜRKMEN-ÖZBEK HÖKÜMETARA TOPARYNYŇ MEJLISI

2024-nji ýylyň 30-njy aprelinde Lebap welaýatynyň edara ediş merkezinde Suw hojalyk meseleleri boýunça bilelikdäki türkmen-özbek hökümetara toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi.

Oňa iki goňşy ýurduň döwlet düzümleriniň birnäçesiniň ýolbaşçylary we wekilleri gatnaşdylar. Mejlisiň gün tertibine ozal gazanylan ylalaşyklary durmuşa geçirmek, hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek bilen bagly meseleler girizildi.




Toparyň başlyklary duşuşygy açyp, deňhukuklylyk, hoşniýetli goňşuçylyk, ynanyşmak, özara bähbitlilik ýörelgeleri esasynda ösdürilýän türkmen-özbek gatnaşyklarynyň ýokary derejesini kanagatlanma bilen nygtadylar. Bellenilişi ýaly, ýurtlaryň ikisi-de bilelikdäki taslamalary amala aşyrmak üçin bar bolan mümkinçiliklerden has doly peýdalanmaga çalyşýarlar.

Häzirki wagtda Türkmenistan we Özbegistan Respublikasy halkara syýasatyň esasy meselelerine çemeleşmeleriniň meňzeşdigini göz öňünde tutup, diňe bir özara bähbitlere däl, eýsem, tutuş sebitiň abadançylygynyň, rowaçlygynyň maksatlaryna laýyk gelýän netijeli gatnaşyklary hem yzygiderli ösdürýärler.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän giň gerimli özgertmeler, milli ykdysadyýetiň ösüşini çaltlandyrmak babatda saýlanyp alnan ugur, bilelikdäki işiň toplanan tejribesinden doly peýdalanmak, baý tebigy serişdeler hem-de ägirt uly ykdysady, eksport kuwwaty iki döwletiň hyzmatdaşlygynyň ugurlaryny giňeltmek babatda uly mümkinçilikleri açýar.

Taraplar ileri tutulýan ugurlarda özara gatnaşyklaryň okgunly ösýändigini nygtap, oba we suw hojalygy pudagynda netijeli hyzmatdaşlygy dowam etdirmäge taýýardyklaryny tassykladylar. Şunda suw serişdelerini rejeli ulanmak meselelerine aýratyn üns berildi. Bar bolan mümkinçiliklerden peýdalanmakda tagallalaryň birleşdirilmegi türkmen-özbek hyzmatdaşlygyny hil taýdan täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga şert döreder.

Duşuşyga gatnaşyjylar ikitaraplaýyn geňeşmeleriň yzygiderli geçirilmeginiň zerurdygyna ünsi çekip, iki ýurduň we olaryň doganlyk halklarynyň bähbidine netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň zerurdygyny nygtadylar.

## Turkmen-Turkish political consultations took place in Ankara

On April 25-26, 2024, a working visit of the Turkmen delegation led by the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Akhmed Gurbanov to Ankara took place to participate in political consultations between the Ministries of Foreign Affairs of Turkmenistan and the Republic of Turkey.

As part of the first round of Turkmen-Turkish inter-Ministry of Foreign Affairs consultations, on April 25, in the building of the Turkish Foreign Ministry, a meeting was held between the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan A. Gurbanov and the Deputy Minister of Foreign Affairs of the Republic of Turkey B. Akçapar.

During the meeting, a range of issues related to bilateral cooperation in political-diplomatic, trade-economic and cultural-humanitarian areas was discussed, and views were exchanged on issues of the regional and international agenda.




In the context of interaction, it was especially emphasized that contacts at the highest and high levels are an important factor in promoting relations between the two countries. In this regard, the importance of the implementation of the agreements reached was emphasized within the framework of the participation of the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov at the third Anatolian Diplomatic Forum on March 1, 2024.

Much attention was paid to the prospects for cooperation in the energy and transport sectors. The importance of regular consultations between the foreign ministries of the two countries was emphasized.

Along with this, issues regarding holding joint events to mark the 300th anniversary of the birth of the great classic of Eastern literature Magtymguly Fragi were discussed.

On April 26, the second round of political consultations between the foreign ministries of the two countries took place in the building of the Turkish Foreign Ministry.

The Turkmen delegation was headed by the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan, and the Turkish delegation was headed by the Director General of the Department for Cooperation with the Countries of the Turkic World and Central Asia of the Ministry of Foreign Affairs of the Republic of Turkey G.Turan.

During the political consultations, the parties discussed the prospects for strengthening interstate relations and expanding bilateral cooperation in the political, trade-economic, cultural and humanitarian spheres. The importance of interaction within regional and international organizations, including the UN, was especially noted.

The parties identified the area of cultural and humanitarian cooperation as an important area. At the same time, emphasis was placed on the prospects for expanding fruitful contacts in education, science and culture.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Делегация Туркменистана примет участие в Ташкентском международном инвестфоруме*

Делегация Туркменистана примет участие в III Ташкентском международном инвестиционном форуме, который состоится 2–3 мая. В этом году ожидается участие почти 2500 человек из 84 стран: члены правительств, крупный бизнес, представители ООН, ЕБРР, ОПЕК и ШОС.

Президент Узбекистана Шавкат Мирзиёев в понедельник, 29 апреля, ознакомился с презентацией о ходе подготовки к Ташкентскому инвестфоруму. Как отмечается в сообщении узбекских СМИ, программа форума включает более 40 мероприятий, в том числе заседания межправительственных комиссий.

### *В офисе Международного бюро выставок (МБВ) в Париже состоялось очередное заседание Административно-бюджетного комитета*

29 апреля 2024 года, в офисе Международного бюро выставок (МБВ) в Париже состоялось очередное заседание Административно-бюджетного комитета.

В ходе заседания, туркменская сторона в соответствии с принятой в прошлом году «Концепцией развития международной выставочной деятельности Туркменистана на 2024-2025 годы», выступило с предложением провести одну из сессий заседания Административно-бюджетного комитета в Ашхабаде. Данное предложение было одобрено и принято Секретариатом Международного бюро выставок (МБВ), а также членами комитета положительно.

### *Региональное сотрудничество в сфере водного хозяйства*

30 апреля 2024 года в столичном отеле «Arçabil» в рамках реализации Регионального проекта по водным ресурсам и окружающей среде (WAVE) прошла Региональная конференция стран Центральной Азии по водохозяйственным вопросам.

В мероприятии приняли участие представители водохозяйственной отрасли, ряда министерств и ведомств Туркменистана, Казахстана, Кыргызстана, Таджикистана, Узбекистана, а также международных и научно-исследовательских организаций.

Отмечалось, что водные ресурсы играют ключевую роль для устойчивого развития Центральной Азии, а трансграничное водное сотрудничество является важнейшим компонентом достижения ЦУР, обеспечения мира, стабильности и процветания в регионе.

### *Успех туркменских школьников на международной олимпиаде в Китае*

Юные химики Туркменистана во главе со своим бессменным наставником - учителем химии специализированной школы-интерната имени Сапармурата Туркменбаши Ашхабада Назаром Мамедовым добились успеха на 58-й международной Менделеевской олимпиаде школьников по химии, проходившей с 21 по 26 апреля в Шэньчжэне (Китай).

Учащиеся 11-го класса ашхабадской специализированной школы-интерната Шатлык Батыров, Айгуль Атаджанова, Джерен Акмырадова и ученик 10-го класса этой же школы Рустем Джумаев завоевали бронзовые медали олимпиады. Значимость этого достижения подчеркивает тот факт, что в этом году в состязаниях юных химиков приняли участие 151 школьник из 26 стран.

*Материалы подготовлены на основе интернет-источников.*